# Garşylyk görkezme hukugy!..

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Garşylyk görkezme hukugy!.. GARŞYLYK GÖRKEZME HUKUGY!..




“Garşylyk görkezme hukugyny” kanunlar bermeýär…
Kanunlar diňe garşylyk görkezme hukugyň bardygyny agzap oňýar…
Ýa-da agzamaýaram…
Emma garşylyk görkezme hukugyň bardyr we bu hukuk tebigatyň özünden gelip çykýar…
Janly-jansyz, tapawudy ýok, ýer ýüzünde näme görýän bolsak, barsy garşylyk görkezip bilme ukybyna eýedirler, garşylyk görkezip bilmeýänler bireýýäm ýokluga siňip gitdiler…
Stoluň gyrasynda duran pişik çagasyny itekläp görüň, heniz ýere ýykylyp görmedigem we ýykylmagyň nämedigini bilmeýänem bolsa, ýykylmajak bolup garşylyk görkezer…
Çeňňege ilen balygyň sypjak bolup çyrpynyşy onuň garşylyk görkezmesinden nyşan dälmi?!..
Agaçlaryň şahasy her ýel öwsüp egilende, ýene öňki durşy ýaly gönelmegi olaryň ýaradylşyna mahsus garşylyk görkezme hukugyndan gelip çykýar…
Isleseňis, mysaly odundan alyň…
Daş garşylyk görkezýär… Daş…
Tozan-çaňdyr gum garşylyk görkezil bilmedik daşyň külkä öwrülen halydyr…
Öz bedeniňe göz aýla:
Oda tutanyňda awundyryp çürüşýän el…
Yşyga bakanyňda gamaşýan göz…
Iňňäni sanjanyňda düýrükýän beden…
Isleseň birsalym dem alman dur – kislorod talap edýän beýniniň muňa nähili garşylyk berişini görersiň…

Diýmek isleýän zadym: garşylyk görkezme hukugy demokratiýanyñ, kanunlaryñ, döwletleriñ, parlamentleriñ, sosial kada-kanunlaryñ berýän ýa-da alýan hukugy däldir…
Garşylyk görkezme hukugy – ýaşamaga bolan hukukdyr…
Pişigiñ çagasyndan agaja çenli…
Garşylyk görkezmelisiñ…
Öýüñi ýykanlarynda… Çagalaryny eliñden alanlarynda… Sesiñi ýumduranlarynda…
Ýer ýüzüniñ azat, erkin, başy dik, döwrebap, ösen añ-düşünjeli, giñ gözýetimli, medeniýetli, bagtyýarlykda we howpsuzlykda birek-biregi goldamaga ýol bermedik halatlarynda…
Garşylyk görkezmelisiñ…
Adalatsyzlyklara garşy… Duzaklara, hilegärliklere garşy… Ýalan-ýaşryklara, toslamalara garşy… Galphorluklara, kezzaplyklara garşy… Zuluma garşy… Eliñden seniñ üçin gymmaty bolan zatlary alanlarynda… garşylyk görkezmelisiñ…
Ýarganat ýaly aýdyñlyga garşylyk görkezmegiñ ýerine… Iñ bolmanda, bir agaç, bir daş, bir pişigiñ çagasy ýaly bar bolmak üçin garşylyk görkezmelisiñ…
Bekir JOŞKUN.

"SÖZCÜ" gazeti, 15.11.2016 ý. Publisistika